# Seni söýdüm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Seni söýdüm SENI SÖÝDÜM

Seni söýdüm,
Ýalñyz bir seni söýdüm,
Göreçlerim özge ýana bakmady.
Sebäbi sönmez bir ataşa ýugrup,
Seni Tañrym ýüregime oklady.

Seni görüp,
Menem ýandym köz bolup,
Ýalyn dek lowladym elinde yşkyñ.
Görlüp-eşdilmedik mähre çolanyp,
Görlüp-eşdilmedik derde sataşdym.

Erkim bilen,
Durkum bilen söýdüm men,
Aýan boldy meniñ parlak ýyldyzym.
Sen bolup gözüme görünýär älem,
Hem sen meniñ kalby ap-ak gunduzym.

Seni söýüp,
Düşdüm köñül dünýäñe,
Gör-ä, başym aýlanyp dur yşkyñdan.
Hasratly bolsa-da … gitmek islämok
Muhabbetiñ bu gudratly ķöşgünden.

Aýjemal BABAGULYÝEWA. Goşgular